# Hoşlaşyk sowgady (Hekaýa)

Category: Hekaýalar
написано kitapcy | 25 февраля, 2025



***Floýd DELL,***
***amerikan ýazyjysy***

Sentýabr aýynyň ajaýyp gijesidi. Täze dogan Aý jülgä ýagty saçýardy. On bir ýaşlyja Piter bolsa ne Aýa seredýärdi, nede aşhanadaky salkyn şemaly duýýardy. Onuň bar ünsi stoluň üstündäki gyzylgara ýorgana gönügipdi. Ol kakasynyň atasyna eden sowgadydy… hoşlaşyk sowgady. Atasynyň gidip barýandygyny aýdýardylar. «Ugratjak» diýenlerinde, şoňa diýýän ekenlerow…

Piter kakasynyň şu güne deňiç atasyny bir ýerlere ugradyp biljegine ynanmandy. Ýöne, ine, öňünde onuň «hoşlaşyk sowgady» ýatyr. Kakasy ony şu gün irdenjik satyn alyp gelipdi. Indem bu

agşam olaryň bileje geçirjek soňky gijeleri bolmaly.

Olar ataly agtyk bolup, agşamlyk naharyndan galan gapgaçlary ýuwuşdyrdylar. Kakasy öýde ýokdy… Ol bile goş birikdirmegi niýet edinen gyzynyň ýanyna çykyp gidipdi. Ol entekentek gara bermese gerek. Gapçanaklary ýuwup bolanlaryndan soň, goja bilen oglanjyk daş çykyp, Aý şuglasynyň astynda oturdylar.

– Hany, tüýdügimi getireýin – diýip, atasy aýaga galdy. – Saňa köne sazlardan birini çalyp bereýin.

Ýöne ol tüýdüge derek täze ýapynjany alyp çykdy. Ullakan, iki gat, garagyzyl zolakly ýorganças.

Goja dyzynyň üstünde tolkun atyp duran ýorgançasy sypap durşuna dil ýardy:

– Ýorgan diýip şuňa diýäýseň! Meň ýaly köpi geçip azy galan garry ýany bilen äkideri ýaly şeýle ýorgançany alyp bermegi, kakaň dözümsizliginden dälmi, eýsem?! Bahasam eslije bardyr munuň. Ýüňüne dagy seredä! Ýetip gelýän gyş gijeleriniň sowugynda, munym ýylysy bilen tüýs hezil berer. O barjak ýerimde beýle ýorgan ýa bardyr, ýa ýokdur.

Atasy bu sözleri diýsede diýýärdi welin, ýüregi başgaça sözleýän ýalydy. Hawa, şu wagt ol diňe özüni köşeşdirmäge çalyşýardy. Ähli zady deňje paýlaşjak özi ýaly ýaşulular bilen döwletiň şol beýik binasyna – garrylar öýüne öz islegi bilen barýan ýaly görünmäge çalyşýardy. Hemme aýdýan zadyny şoňa syrykdyrjak bolup jan edýärdi. Ýöne Piter welin şu güne çenli kakasy beýle «aýylganç ýagşylygy» atasyna rowa görer öýtmeýärdi. Diňe öýe satyn alnyp getirilen ýapynja kakasynyň çynyrgadandygynyň, ähli zadyň hakykatdygynyň delilidi.

– Dogry aýdýaň, ata, muň kemi ýok! – diýdide, Piter onuň ýanyndan turup, jaýa girip gitdi. Ol müzzermäni halamazdy. Üstesinede, ýetginjek oglan bolup, aglap dursa ejizledigi boljakdy. Ol jaýda köp eglenmän, atasynyň tüýdügini alyp çykdy. Goja ony aljak bolup ýerinden turanda, ýorganças syrylyp ýere düşdi.

Çagalykdan atasynyň «oglum» diýen mähirli sözüne werziş bolan Piter ol entek dirikä, ondan aýra düşmegiň bosagasynda durdy. Ýöne bu aýralyk hakynda ne atasy, nede agtygy dil ýardy. Atasy elindäki tüýdüge birki ýola üfläp göreninden soň:

– Diňle oglum, bu sazy sen ömürlik ýatda saklarsyň! – diýip, çalmaga girişdi.

Kümüşsöw Aý bu mähribanlary ýokardan synlaýardy. Jülgeden öwüsýän mylaýym şemal bolsa saza öz heňini goşýardy. Atasynyň çalýan sazlarynyň bu köneje eýwanda iň soňky gezek ýaňlanyşy bolaýarmyka?!

Kakasynyň bu ýerden täze jaýa göçme meýliniň bardygy hem gowy zat. Bolmasa indiden beýläk bu pukaraja eýwanda şeýle ajaýyp agşamlary atasyz geçirmek Pitere juda agyr degerdi. Saz gutardy. Piter atasy bilen birsalym dymyp oturdy. Gojanyň çalan indiki sazy birneme şadyýanrak ýaňlandy. Piter oturan ýerinden jülgä nazar aýlady. Kakasynyň şol, hawa, şol araky başyny sypaşdyryp, ogşap, özüniň «gowy eje» boljagyna, başgada birgiden zatlary söz berip, ýok ýerinden mähirdir söýgini ýüzüne örtük edinmäge çalyşýan gyza öýlenjegi çynydy.

Atasy agyr göwresi bilen ýerinden gozgananda, köne oturgyç jygyldap ses etdi. Saz kesildi. Atasy:

– Tans sazy bolsada, gowşagrak gelýär – diýdide, ýene sözüni dowam etdirdi: – Kakaň öýlenmekçi bolýan gyzy hem erbet däl, gowy gyz. Şeýle näzenin bilen ol ýene ýaşlygynyň ilkinji günlerine dolanan ýaly bolar. Men bolsa garrapdyryn. Bir «aýagym agyrýar», birde «ýüregim» diýip, olaryň bar mazasyny alaryn. Garaz, ýaşlaryň aýagyna çolaşyp ýörmek gowy däl. Soňam, oglum, hä diýmän, öýüňizde bäbejiklerem peýda bolar, bu ýaşdan soň jägildi seslerem gulaga ýakjak däl. Kakaň bu çözgüdini oňlaýan, gowusy, gideýin men… Bizem ýene birki saz diňlesek diňlälide, ýatyp dynjymyzy alaly. Ertirem ir bilen ýorganymy alyp, ýola düşerin, nesip bolsa. Hany onda, şu sazam bir diňle. Bu gynançlyrak, ýöne şular ýaly agşama laýyk saz bi – diýip, tüýdügine

elini ýetirdi.

Olar sazyň täsirine berlip, kakasydyr gurjak ýaly näzeniniň jülgäniň içinden geçýän ýoda bilen gelýäninede üns bermändir. Eýwanyň gabat garşysyna ýetenlerinde, gyzyň çasly gülküsi çalnyp duran ajap sazy şarpa kesdi. Kakasy eýwana ýakynlaşyp aýak çekdi. Gyz bolsa öňräge süýşüp, «gaýynatasy» bilen gürleşmäge durdy:

– Ertir irden gidýän ekeniňiz, sagbollaşaýyn diýip gaýdaýdym.

– Sylagyňa minnetdar, gyzym – diýip, ýaşuly gözlerini bir nokada dikdi.

Birdenem özüne gelen ýaly aýagynyň aşagyna düşen ýorganççany galdyryp durşuna, etmişli çaga ýaly müýnürgäp, sözüni dowam etdirdi:

– Seredä, gyzym, oglumyň alyp beren galyňja ýorganyna. Gidemde ýanym bilen äkiderim ýaly ýörite satyn alyp gelipdir.

Ol gyz ýorganççanyň ýüňüni elläp gördide:

– Hawa. Gaty gowy, ýokary hillisi eken bu. Kemi ýok. Şoňa görä bahasy hem gowujadyr muň! – diýip, geljekki adamsyna garap, teýeneli gürledi.

Piteriň kakasy bir ardynjyradyda, üzlemsaplam jogap berdi:

– Soňky gezek… iň gowusyny alyp beräýeýin diýdim.

Ol sözüni soňlapsoňlamanka gelinligi ýorgança seredip, ýene gyjalat berdi:

– Üstesinede, iki gatlysy eken!

– Hawa, iki gat… Özem şo ýere gitsem, tüýs biz ýaly garrylara artykmajy bilen boljak – diýip, ýaşuly gelinliginiň sözüni gaýtalap, ara düşen dartgynlygy ýuwmarlamaga çalyşdy.

Şol pursat Piter ylgap, öýe girip gitdi. Onuň içerde bir zat-

lar gözleýändigi görnüp durdy. Daşardan bolsa ejeliginiň kakasyna igenip aýdýan sözleri, kakasynyňam edil ýarylmasada, gaharynyň gelip başlandygy duýulýan jogaplary eşidilýärdi. Ynha, birdenem ol gyz torsarylyp, gelen ýoluna bakan yzyna öwrüldi.

Piter öýden çykanda, ol gyz yzyna garadyda, ýene öňki sözlerini gaýtalap gygyrdy:

– Näme diýseňem, iki gat ýorgan hökman däldi şo garra!

Soňra bolsa jülgäniň içindäki ýoda bilen gözden ýitdi. Kakasy onuň yzyndan seredip galdy.

Piter agraslyk bilen kakasyna garadyda, gaýçyny uzadyp:

– Ýaňky dogry aýdýa, kaka. Al, iki gat galyň ýorgan atama nämä gerek?! Me, kesip goýber ortarasyndan – diýdi. Soňra ýene özüne gelişmeýän gödeklik bilen sözüni dowam etdirdi. – Hawa, kaka, onsuzam şo ýere äkidiljek bolsa, bir gat ýorgan bilenem oňar. Beýleki ýarsynyň, soň gerek bolmagy ahmal…

– Näme diýjek bolýaň, gönüläp aýt – diýip, kakasy ýüzüne dikanlady.

– Diýjek bolýanym… Kaka, senem bir gün garrarsyň. Şonda saňada ýapynmaga gerek bor.

Ýakymsyz dymyşlyk ara girdi. Kakasy atasynyň öňüne baryp, gürlemän dymyp durdy. Ýöne goja oglunyň pikirini okaýan ýaly elini onuň egnine goýup, günäsini ötýändigini syzdyrdy. Piter olary synlap durşuna, atasynyň pyşyrdap: «Geçeni geçdi bil, dözümsizdigiňi öňem bilýädim ahyr» diýen sözlerini eşitdi. Dogrusy, muny düşündirip oturmagyň geregi ýokdy, çünki olaryň üçüsiniň hem gözünden biygtyýar ýaş akýardy.

***Iňlis dilinden terjime eden Nabat GARRYÝEWA,***
***Türkmen döwlet binagärlikgurluşyk institutynyň mugallymy***